Suw hojalyk kärhanalarynyň önümçilik işleri örän kyn hem-de çyl-şyrymly şertlerde geçirilýär. Bu ýagdaý önümçilikde biri-birine meň-zemeýän işleri geçirmegi talap edýär. Şonuň üçin önümçiligiň ahyrky netijesine täsir edýän zatlary kesgitlemek maksady bilen köp sanly ylmy usullary ulanmaly bolýar. Olaryň käbirleri şu aşakdakylardyr:

**a) Önümçiligiň görkezijilerini seljeriji tablisalary arkaly deňeşdirmek.**
Bu iň köp ulanylýan usuldyr. Ol, esasan, meýilnama boýunça edilmeli işleri hakyky edilen işler bilen deňeşdirmek, ýerine ýetirilen işleriň möçberini hem-de käbir ykdysady görkezijileri ýyllar boýunça deňeşdirmek üçin ulanylýar.

**b) Sanlaryň ortaça görkezijisini (ululygyny) kesgitlemek.**
Bu usul önümçiligiň bir häsiýetli hadysalarynyň ortaça görkezi-jisini kesgitlemek üçin ulanylýar. Mysal üçin, işçileriň ortaça aýlyk ýa-da ýyllyk zähmet haklary, zähmet öndürijiliginiň ortaça görkezijisi we ş.m.

**ç) çalşyrylyp ulanylýan usul.** Ol bir ykdysady hadysanyň kär-hananyň önümçilik hojalyk işleriniň ahyrky netijesine edýän täsirini kesgitlemek üçin ulanylýar. Usulda täsir edýän ykdysady hadysalar yzygiderlilikde biri-biri bilen çalşyrylyp öwrenilýär, ýagny bir hady-sanyň täsirini kesgitlenenden soňra ol üýtgewsiz goýlup, beýleki täsir edýän hadysa öwrenilýär. Şeýlelikde, önümçiligiň ahyrky netijesinde täsir edýän hadysalaryň hemmesi seljerilýär.

**d) Indeksler** – bu usul önümçilikdäki çylşyrymly alamatlary öwrenmek üçin ulanylýar. Indeksler esasy hem-de tirkeşikli indeksle-re bölünýär.

Indeksiň birinji görnüşi dürli ýyllardaky maglumatlar esasy ýyl bilen deňeşdirmek üçin ulanylýar.

Indeksiň ikinji görnüşi dürli ýyllardaky maglumatlar yzygiderli gezekme-gezek çalşyrylyp deňeşdirilýär.

Önümçilige täsir edýän zatlaryň yzygiderli öwrenilmegi olaryň her biriniň önümçiliginiň netijesine edýän täsirini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Şonuň üçin, ilki bilen, önümçiligiň möçberini görkez ýän maglumatlar toplanylýar.

**Äşe AŞYROWA**
**S.A. Nyýazow adyndaky**
**Türkmen oba hojalyk**
**uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены